# Mekanyna gideli

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Mekanyna gideli MEKANYNA GIDELI



Gel, gardaşym, ylymyň şerbetin içe,
Teşne kalbymyzy serhoş edeli.
Allanyň mülkünde hyzmatda ençe,
Ol Melekler mekanyna gideli.
San hasabyn özi biler, bilinmez,
Rukugda, sujutda hamdlar yrylmaz,
Güýç kuwwatlar ne egsiler, burulmaz,
Allanyň yşgynda nurdan edaly.

Göwher zümerreti ýakut bedenli,
Alty müň ganatly, tesbih edenli,
Arşyň serhedinde sur bile diňli,
Gözi ýaşly Israfildir dideli.

Zümerret altyna bezelen seti,
Ýere höküm darta mymygy aty,
Mikaýyl melekniň ança ganaty,
Rahymnyň emrinde tagzym edeli.

Allahnyň yşgynda ajap syratly,
Ähli pygamberler bilen suratly,
Jebraýyl hem alty müňdir ganatly,

Wekillik hökümine yşyklar dideli.

Hakyň permanyna ýörütip zary,
Jan kapasda nepese örütip tyry,
Ezraýyl melegi ol dörtniň biri,
Her kes bilen didarlaşar pydaly.

Ilki gat asmanyň Ezkiýa ady,
Baş melegi Esmaýyl ismi zyýady,
Öküz suratynda bolunar haýýady,
Hamdu senadadyr, Hakdyr hyýaly.

Ikinji gat göniň Erfulun ismi,
Derdaýyl melegiň şir kibi kysymy,
Ynsan ogly görüp bihuş jisimi,
Didarlar ýer etmez gaýymdyr ýoly.

Kaýduma at berlen üçünji göne,
Hanbajaýyl melegi hamd bile sena,
Bürgüt wysalynda, ýer üsti syna,
Erninden ot akar hatar peýaly.

Dördünji gat gönüň Magundyr ady,
Salsaýyl melekniň gaz guw surady,
Bäşinji gat asmanyň Sefaýyl ady,
Semhaýyl melegi, hüýr deýin saly.

Altynjy gat asman Rafyka atly,
Surýaýyl melek çaga haýýatly,
Ýedinji gat gön Garyba hatly,
Baýhaýyl melegi ynsan wysaly.

Allanyň yşgynda zar çekip dura,
Musa tur dagynda barçasyn göre,
Jandan umyt üzdi pygamber sere,
Biz guly ne halda bolynar peýaly.

Günde ýetmiş müň melekler hatar,
Beýtul Magburada zyýarat tutar,

Ölümsizdir ahyrýet gününe ýeter,
Ne iýmek içmek bar, zikirde saly.

Jennetler ulysy Ryzwan serbe ser,
Jähennemde Mälik zulumy ýeser,
Muslym iman eder, mynafyk öwüser,
Halmyrat ylym içe garypdyr haly.

14.05.2024 ý.

Halmyrat ORAZOW. Goşgular